# Zol gaýtalanyp durlan ýalanlary nämüçin hakykatdyr öýdýäris?

Category: Kitapcy,Nukdaýnazar,Psihologiýa,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Zol gaýtalanyp durlan ýalanlary nämüçin hakykatdyr öýdýäris?
**Has Türkmeniñ Nukdaýnazar sahypasy üçin ýörite terjimesi**




Çarşenbe, 24.05.2023 ý.
Dogrudygy gümana nämedir bir zady köp gaýtalaberseler, gözüñe dogry ýaly görnüp başlaýar. Muny bilmegiñ özi propaganda toruna düşmegiñ öñüni alyp biler.
«Gaýtalanyp durlan ýalan hakykata öwrüler» sözüni Faşistik Germaniýanyñ propaganda ministri Ýozef Gebbelsiñ aýdandygy rowaýat edilýär. Bu söz propagandanyñ esasy talaby

hasaplanýar.
Psihologlar muny «hakykatyñ bükülme» täsiri diýip atlandyrýar. Bu täsiriñ üstünde geçirilen synaglarda, eksperimentlerden ähmiýetsiz zatlar boýunça käbir zatlary dogry ýa-da ýalñyş görnüşde topara bölmekleri talap edilýär. Mysal üçin, «Kişde miweden edilýär» (dogry) ýa-da «Mandarin doly bişen pyrtykaldyr» (ýalñyş) we ş.m.
Birnäçe minutlyk, hatda birnäçe hepdelik arakesmeden soñ eksperimentlere ýene şol synag geçirilip görlüpdir, emma bu gezek käbir täze kesgitlemelerem goşulypdyr. Şonda adamlaryñ has öñ gören kesgitlemelerini dogry bolup-bolmazlygyndan özbaşdak ýagdaýda dogry hasaplaýandyklary görlüpdir. Munuñ sebäbi-de, adamlaryñ şol sözlere özleriniñ ýakyn durmagydyr.

- **Öñdenem bar maglumat**

Munuñ özi «gaýtalanyp durlan ýalan hakykata öwrülýär» sözüniñ laboratoriýada subut edilen görnüşidir. Daş-töweregimize siñe syn etsek, adam psihologiýasynyñ şeýle aýratynlygyny mahabatçylaryñ we syýasatçylaryñ köp ulanýandygyny görýändiris.
Emma laboratoriýada şu täsiriñ görülmegi hakyky durmuşda adamlaryñ ynanjyna täsir etmekde möhüm serişde hökmünde hereket edýändigini añlatmaýar. Eger diñe ýalan-ýaşryklary gaýtalap adamlary ynandyryp bolýan bolsady, onda ynandyrmagyj başga hili usullarynyñ geregi bolmazdy.
«Hakykatyñ bükülmegi» Gitleriñ propaganda ministri Ý.Gebbels ýaly adamlaryñ elinde howply ýaraga öwrülip biler. Muña böwet bolup biljek zadyñ birem siziñ hakyky bilýän zatlaryñyzdyr. Haýsydyr bir ýalan göwnümize jaý bolýanam bolsa, ony häli-şindi eşidip durandygymyz üçin öñki bilýän zatlarymyzy nämüçin bir gyra süýşürmelimiş?
ABŞ-nyñ Wanderbild uniwersitetinden Liza Fazionyñ topary hakykat bükülmesi täsiriniñ başky maglumatlar bilen nähili baglanyşdyrylýandygyny barlap gördi. Şeýle bükülme öñdenem bar maglumatyñyza täsirini ýetirip bilýärmikä?
Netijeler kesgitlemäniñ dogry ýa-da ýalñyşdygy baradaky

maglumatymyza garamazdan, gaýtalamalaryň derňeme ukybymyza täsir edip bilýändigini görkezdi. Adamyň rasionallygy nukdaýnazaryndan bu erbet zat bolubam görnüp biler. Ýöne Fazio we onuň topary şuny anyklady: Bir kesgitlemäniň dogry diýip baha berilmegindäki iň uly täsir onuň hakykatdanam dogry bolup-bolmandygy bilen baglanyşyklydy. Gaýtalamagyň täsiri hakykatyň üstüni örtüp bilmeýärdi. Gaýtalansyn, gaýtalanmasyn, tapawudy ýok – adamlaryň ýalan-ýaşryklara garanda hakykatlara ynanma ähtimallygy has artykdy.

- **Gysga ýollar**

Bu bolsa adamyň ynançlaryny görkezýär. Gaýtalamalar meseläniň düýbüniň başga hilidigini bilýän ýagdaýymyzda käbir kesgitlemeleriň dogry ýaly kabul edilmegine sebäp bolýar, emma ol maglumaty doňduryp bilmeýär. Eýse munuň nähili sebäbi bolup biler? Hemme zat eşidýän islendik maglumatymyzyň näderejede ynandyryjydygyny derňemek üçin görkezilmeli tagallada ýatyr. Eşidýän her bir zadymyzy öňdenem bilýän maglumat gorumyzyň süzgüjinden geçirmek köp zähmeti we wagty talap edýär. Bize bolsa çalasyn derňewler gerek bolýar, munuň üçin gysga ýoldan barmaga synanyşýarys, beýtmek köplenç dogry netijelere äkidýär.
«Hakykat bükülmesi» hiç birimizden sowa geçenok, diňe hakyky maglumatlary edinmek arkaly oňa garşy durup bileris.
Dara-direlikde eşidýän zadymyzyň dogrudygy ýa-da ýalňyşdygy hakda netijä gelmek strategiýadyr. Eger diňe gaýtalamalar derňewlerimize täsir edýän bolsa, onda problemaly ýagdaý dörärdi. Emma beýle däl. Elimizde giň gerimli derňeýji güýç bar, emma bularyň çäklidigi bilen ylalaşmaly bolýarys.
Aňymyz «hakykat bükülmesiniň» täsirlerine açyk ýagdaýa gelýär, çünki bir zadyň makuldygyny derňeme müddetinde instimktimiz bizi gysga ýollara ýüz urmaga ýöneldýär. Beýmek köplenç gowy netije berýär. Emma käte ýalňyşdyrybam bilýär.

- **Gaýtadan gözegçilik**

Bu täsir barada az-kem bilýän bolsak, onda oňa garşy

taýýarlykly bolmak kyn düşmeýär. Munuñ üçin ynanýan zatlarymyzy öwran-öwran barlap durup, näme sebäpli ynanýandygymyza düşünmekdir. Nämedir bir zat bize ynandyryjy görünýän bolsa, ol hakykatdanam dogry bolandygy üçinmi ýa gulagymyzyñ aşagynda üznüksiz gaýtalanyp durlany üçinmi?
Akademikleriñ, alymlaryñ ýazýan her bir zadynda anyk çeşmelere salgylanýandyklarynyñ sebäbi-de şudur. Agzaýan pikirlerine okyjynyñ şobada ynanmagyna garaşmagyñ ýerine oña çeşmesini barlamak mümkinçiligini berýärler. Emma bükülmä garşy görmeli çäreleriñ biri-de ýalñyş zatlaty gaýtalamakdan gaça durma mejburylygydyr.
Hakykatlaryñ ähmiýetini saklaýan dünýäsinde ýaşaýarys. Düýp çeşmesine inip, dogrudygyny bilip-bilmän bir zady gaýtalaýan bolsak, ýalan-ýaşryklardyr hakykatlaryñ biri-birine garym-gatym bolan dünýä döredilmegine ýardam etdigimiz bolar. Ýagny, gaýtalamazdan öñ pikirlenip görmek zyýan etmeýär.

Tom STAFFORD. Nukdaýnazar